«TASSYKLAÝARYN»
Aba Annaýew adyndaky Halkara
atçylyk akademiýasynyň rektory
__________ P.Baýramdurdyýew

«26» ____mart____ 2026ý.

**2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýip yglan edilmegi we Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetli Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň gurnamagynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda Gahryman Arkadagymyzyň behişdi bedewlerimize bagyşlap ýazan kitaplarynda beýan edilýän maglumatlara esaslanyp geçiriljek «Bir belent ykbal sen, illere bedew» atly intellektual zehin bäsleşiginiň**

# DÜZGÜNNAMASY

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz «Atda wepa-da bar, sapa-da» atly kitabynda «Ahalteke bedewi biziň üçin açyşdyr hem ýetilen ylym-bilim belentligidir. Milli paýhasyň derejesi hem şondadyr. Bu hakyda bilen nesillerden nesillere geçen ylym-bilim gymmatlygydyr.» diýip belleýär. Gahryman Arkadagymyzyň behişdi ahalteke bedewlerimize bagyşlap ýazan «Ahalteke bedewi — biziň buýsanjymyz we şöhratymyz», «Gadamy batly bedew», «Atda wepa-da bar, sapa-da» atly kitaplary biziň ýol-ýörelgämiz, ähli üstünliklerimiziň badalgasydyr, ýaşlary watançylyk, ynsanperwerlik, milli gymmatlyklara sarpa goýmak ruhunda terbiýelemekde deňsiz taýsyz gymmatly hazynadyr. Şonuň bilen birlikde halkymyzyň milli mirasyna sarpa goýmak, milli gymmatlyklarymyzy gorap saklamak, olary wagyz etmek hem-de ata-babalarymyzdan miras galan atşynaslyk we seýisçilik sungatymyzy öwretmeklik ýaşlarymyzyň gözýetiminiň giňelmeginde örän uly ähmiýete eýedir. Şu nukdaýnazardan ugur alyp 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýip yglan edilmegi we Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetli Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasy ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň behişdi bedewlerimize bagyşlap ýazan kitaplarynda beýan edilýän maglumatlara esaslanyp «Bir belent ykbal sen, illere bedew» atly intellektual zehin bäsleşigini geçirýär.

## I. BÄSLEŞIGIŇ MAKSADY

2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly atmyradyň mekany» ýyly diýip yglan edilmegi we Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetli Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň gurnamagynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň behişdi bedewlerimize bagyşlap ýazan kitaplarynda beýan edilýän maglumatlara esaslanyp «Bir belent ykbal sen, illere bedew» atly geçiriljek intellektual zehin bäsleşiginiň esasy maksady Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan parasatly we öňdengörüjilikli syýasatyny, behişdi bedewlerimize goýulýan sarpany ýaşlaryň arasynda wagyz etmekden, Gahryman Arkadagymyzyň behişdi bedewlerimize bagyşlap ýazan kitaplarynyň many-mazmunyny we 2026-njy ýylyň şygaryndaky dürdäne jümleleriň ähmiýetini açyp görkezmekden, talyp ýaşlaryň döredijilik başarnyklaryny, pikirleniş ukybyny ösdürmekden, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň arasynda döredijilik, ylym we bilim hyzmatdaşlygyny ýokarlandyrmakdan, ýaşlary goldamakdan we höweslendirmekden ybaratdyr.

## II. BÄSLEŞIGIŇ ŞERTLERI WE GEÇIRILIŞI

1. Bäsleşik 2026-njy ýylyň aprel aýynyň 17-ne Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň baş binasynyň foýesinde geçiriler;
2. Bäsleşige ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinden bir topar gatnaşyp biler, toparyň oýunçylary 4 sany esasy, 2 sany ätiýaçdaky talyplardan ybarat bolmaly;;
3. Bäsleşik 30 soragdan ybarat bolup, 3 tapgyrda geçiriler (her tapgyr 10 soragdan ybarat);
4. Her sorag üçin jemi 70 sekunt wagt beriler. Wagtyň 60 sekundy pikirlenmek üçin berilýär, galan 10 sekuntda bolsa jogaby ýazyp tabşyrmak üçin berilýär. Jogap tabşyrylýan wagtyň gutaranlygyny aňladýan duýduryş sesinden soň jogap kabul edilmeýär, jogap gönümel ýok diýlip hasaplanýar;
5. Soraglar Gahryman Arkadagymyzyň behişdi bedewlerimize bagyşlap ýazan kitaplary esasynda taýýarlanylar. Şeýle hem, bäsleşigiň dowamynda umumy we logiki soraglar hem bolar. Soraglar türkmen dilinde okalar;
6. Bäsleşige gatnaşmaga isleg bildirýän ýokary okuw mekdepleri Düzgünnamanyň goşundysyna laýyklykda, 2026-njy ýylyň 10-njy apreline çenli toparyň agzalary we jogapkär mugallym hakyndaky maglumatlary haa.yashlar@gmail.com elektron poçta ugratmaly;
7. Bäsleşige degişli goşmaça soraglar boýunça Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň Magtymguly adyndaky ilkinji Ýaşlar guramasyna ýüz tutmaly *(habarlaşmak üçin +99364520212)*.

## III. BERLEN SOWALYŇ NETIJELERINIŇ ANYKLANYLYŞY

1. Jogabyň dogrulygyny ýa-da ýalňyşlygyny emin agzalary kesgitleýär we her bir dogry jogap üçin topar 1 utuk alýar;

2. Duşuşykda iň köp utuk gazanan topar duşuşygyň ýeňijisi bolýar;
3. Eger ýeňiji kesgitlenende utuk sany meňzeş bolan toparlar bolsa, toparlaryň beren jogaplarynyň reýtingine görä iki sany meňzeş utukly toparlaryň ýerleri kesgitlener.

## IV. BREÝN-RING WAGT ULGAMY

1. Berlen sowaly pikirlenmek üçin, berlen wagtyň başlanandygyny kesgitlemek üçin «Breýn-ring wagt ulgamy» ses ýa-da yşykly duýduryş berýär;
2. Pikirlenmek üçin berlen wagtyň tamamlanandygyny kesgitlemek üçin «Breýn-ring wagt ulgamy» ses ýa-da yşykly duýduryş berýär. Berlen wagtyň tamamlanmaly wagtyndan öň toparlar tarapyndan sowalyň jogaby ýazylan kagyzyny tabşyrmasalar, «Breýn-ring wagt ulgamy» wagtyň gutarmagyna 10 sekunt galanda her sekuntda duýduryş sesini berýär;
3. Sowalyň jogabyny pikirlenmek üçin berlen wagty «Breýn-ring wagt ulgamy» hasaplamaly.

## V. BÄSLEŞIGIŇ JEMLENILIŞI

1. Bäsleşigiň jemleri baradaky maglumat Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň *ihba.edu.tm* saýtynda ýerleşdiriler;
2. Bäsleşigiň netijeleri boýunça ýeňijilere degişlilikde I, II, III orunlar beriler we Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň adyndan diplomlar gowşurylar.

*Goşundy: Nusga*

**Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň gurnamagynda ýurdumyzyň, ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň, arasynda geçiriljek «Bir belent ykbal sen, illere bedew» atly intellektual zehin bäsleşigine ________________________________________ gatnaşýan talyplar we olaryň ýolbaşçy mugallymy barada**

**M A G L U M A T**

| Talyplar barada maglumat | | | | Ýolbaşçy mugallym barada maglumat | |
|---|---|---|---|---|---|
| T/b | Familiýasy, ady we atasynyň ady | Okaýan hünäri we ýyly | Elektron poçtasynyň salgysy we telefon belgisi | Familiýasy, ady we atasynyň ady | Habarlaşmak üçin |
| Esasy düzüm | | | | | |
| 1. | | | | | |
| 2. | | | | | |
| 3. | | | | | |
| 4. | | | | | |
| Ätiýaç düzüm | | | | | |
| 5. | | | | | |
| 6. | | | | | |